# Ýohannanyň üçünji haty

## Giriş

Ýohanna bu hatynda dünýäniň dürli künjeklerine Isa Mesih baradaky Hoş Habary wagyz etmek üçin gidýän imanlylary goldamalydygyny ýatladýar. Hat ýygnagyň Gaýus atly ähmiýetli agzasyna ýazylandyr. Ol Hoş Habary başga ýerlere wagyz etmäge gidýän imanlylara örän köp kömek beripdir.

***Mazmuny***


Gaýusa ýüzlenme ........ *1:1-4*
Bile işlemegiň ähmiýeti ........ *1:5-12*
Soňky salamlar ........ *1:13-15*


---

### 1-nji bap

***Salamlar***

1 Çyn ýürekden söýýän eziz dostum
Gaýusa men ýaşuludan dogaýy salam.
2 Mähriban dostum, ruhuňyň belent bolşy
ýaly, ähli işleriň rowaçlansyn we janyň sag bolsun! 3 Doganlar gelip, seniň
sadyklyk bilen hakykata eýerip ýaşaýandygyňy habar berenlerinde, meniň
şatlygymyň çägi bolmady. 4 Meniň üçin
perzentlerimiň hakykata eýerip ýaşaýandyklaryny eşitmekden uly şatlyk ýokdur.

***Öwgüler we öwütler***

5 Eziz dostum, sen doganlara, hatda
özüňiň tanamaýanlaryňa-da sadyklyk
bilen hyzmat edýärsiň. 6 Olar seniň
mähirli söýgiň dogrusynda imanlylar
ýygnagynyň öňünde şaýatlyk etdiler.
Sen olary Hudaýa mynasyp usulda ýola
salsaň, ýagşy iş edersiň. 7 Olar Mesihiň
adynyň hatyrasyna ýola çykdylar we
diňe imandaky doganlarynyň ýardamyna bil baglamagy karar etdiler. 8 Biz
hakykat ugrunda bile işlär ýaly, şeýle
adamlary goldamaga borçludyrys.

9 Men imanlylar ýygnagyna bir hat
ýazypdym, ýöne olaryň arasynda başlyk
bolmagy halaýan Diýotref bizi kabul
etmeýär. 10 Şoňa görä-de, eger baraýsam,
onuň etmişlerini paş ederin. Ol biz barada ýaramaz gep ýaýradyp, töhmet atýar.
Munuň bilen hem çäklenmän, doganlary-da kabul etmeýär, kabul etjeklere-de
päsgel berip, olary ýygnakdan kowýar.
11 Mähriban dostum, sen ýamandan dälde, ýagşydan görelde al. Ýagşylyk edýän
adam Hudaýdandyr. Ýamanlyk edýän
adam bolsa Hudaýy tanaýan däldir.

12 Demetreý bolsa hemmeler tarapyndan sylanýan adamdyr, hakykatyň
özi muňa şaýatdyr. Biz hem ol hakda

ýagşy pikirdediris, gepimiziň hakykatdygyny özüň bilýänsiň.

### *Hoşlaşyk sözi*

13 Meniň saňa aýtmaly zatlarym köp, olaryň hemmesini ýazyp oturjak däl, baranymda hemmesini aýdaryn.
14 Seni basymrak görüp, ýüzbe-ýüz gürleşeris diýen umydym bar.
15 Sag-salamat bol! Dostlarymyz saňa salam ýollaýarlar. Ol ýerdäki dostlarymyzyň hemmesine atma-at salam aýt.